# Gar ýagan güni…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gar ýagan güni… GAR ÝAGAN GÜNI…

Gar ýagan güni,
Açyk meýdana,
Öýkenime sorup, sowuk howadan,
Barýan, öz ugruma,
(Kim bilýä nirä?)
Kalbymy, gussamy buz dek sowadyp,
Palçyk toplan ädik bilen ädimläp,
Gara tegmil goýup barýan,
«Adamda»…

Yzymy örtýär,
Her ýan gaýmalap,
Bulut ýassygyndan gaçýan ýelekler.
Günüme goýanaok, melgun kesirlik,
Howlukýan gitmäge,
Gyssanýan nirä?…
» Ynsan ogly nirä barýañ, säñeläp?
Sabyrly bol, howlukmaklyk gerek däl».
Pyşyrdysy gulagyma eşdilýär…
Asmanyñ ýüzinde, gaýýan melekleñ.

Remezan MÄMETGURBANOW.

09.01.2023. Goşgular